# Danalara diñ salsañ

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Danalara diñ salsañ DANALARA DIÑ SALSAÑ…

■ Özüñi alyp barmak ~ bu her kişiniñ öz keşbini görkezýän aýnasy.

I.W.Gýote.

* * *

■ Her günüñ soñunda: «Men şu gün adamlara bagt hem şatlyk getirmek üçin, öz akyllanmagym üçin (bu hem adamlary şatlandyrýar) näme etdimkäm!» diýip oýlan. Eger seniñ pikiriñ hiç bir zatda eglenmese, diýmek, şol gün biderek ýaşalypdyr.

W.A.Suhomlinskiý.

* * *

■ Wagt ~ bu bizdäki iñ arzan, şol wagtyñ özünde hem iñ gymmatly zat.

Ý.Raýnis.

* * *

■ Açgöz şöhratparazlyk adamyñ akylyny bulaşdyrýar we ol özüne abanýan howplary duýmaýar.

* * *

■ Özgeleriñ gybatyny edýän adamy öz öýüñden kow.

Fales.

* * *

■ Töhmet aýylganç zat. Töhmetçiler biziñ gazanan iñ gymmatly

zadymyzy ~ golaý adamlarymyzy daşlaşdyrýarlar. Kemsitmek ~ samsyk hereket. Ýöne ol töhmete garanyňda gowy: açyk hereket edýär.

Gippiý.

* * *

■ Bikärlikde geçýän wagtyň miwesi süýji bolýan däldir.

Sofokl.

* * *

■ Ýaranjaň adamyň dilinde baly, ýüreginde zäheri bardyr.

M.W.Lomonosow.

* * *

■ Edil bägüldäki zäherli gurçuk ýaly töhmetlerdir ajy dillerden ägä bolmak gerek ~ olar ýukajyk hem ýalpyldadylan öwrümlerde gizlenendirler.

Plutarh.

* * *

■ Göripligiň baýdagynyň astynda ýigrenç, töhmet, dönüklik we hile ýöriş edýändirler.

K.Şelwesiý.

* * *

■ Näçe ýallaklasaňam, ajy hakykatyň üstüni ýaranjaňlyk bilen ýapyp bilmersiň.

Eshil.

* * *

Gamlanyp bilýän bolsaň ~ dirisiň, özgeleriň gamyny duýup

bilýän bolsaň ~ ynsansyň.

L.N.Tolstoý. Sözler